# Maşgalada kim baştutan?

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Maşgalada kim baştutan? MAŞGALADA KIM BAŞTUTAN?



Gurhan bize maşgalada erkek baştutan diýýär: Tertip-düzgün bolar ýaly. Eger şu ýerde  azajyk logikany ulansaň, maşgalada aýal baştutan bolsa, diýmek tertip-düzgün bolanok, maşgala dagamak bilen bolýar. Maşgalada baştutan kim bolsa dogry diýip men bir adama sorag berdim, ol adam bolsa ýarym sagatlap degerli jogap berip bilmedi. Ýöne ol adamyň birje aýdan sözleri mende şübhe döretdi. Ol adam şeýle diýdi, eger erkekde derek ýok bolsa, maşgalada aýal hem baştutan bolup biler, mysal üçin aýdaly erkek neşekeş (narkoman) bolsa. Hawa, Gurhanda edil beýle şertler göz öňüne tutulmadyk. Gurhanda gönümel aýdylýar, maşgalada erkek baştutan diýip, diýmek erkegiň we aýalyň hal ýagdaýyna garamazdan elmydama şeýle bolmaly. Eger neşekeş erkek maşgalany dargydýan bolsa we aýal

maşgalany öý edip saklaýan bolsa näme, diýen sorag döreýär. Ýok, buýruk iň ýokardan gelýär, islendik ýagdaýda maşgalada erkek baştutan. Öz durmuşymdan mysal getireýin, ýöne başdan duýduryan, meň şahsyýetim tema degişli däl we men öz ejem bilen kakamy indi ýazgaramok. Meniň kakam ömrüniň barsyny neşebentlikde geçirdi we başga zady bilmedi, öýden ähli zady ogurlap äkidýärdi we narkotik serişdelerine çalşýardy. Ejem görgüli bolsa bizi eklejek bolup görmedik güni ýok. Nähili agyr bolsada bir näçe çagany aýaga goýdy. Biziň maşgalamyzda kakamyň sözi ýöränokdy, ejem baştutandy. Indem sorag, biziň maşgalamyza kakamyň ýetiren zyýany känmi ýa-da ejemiň? Ejemiň ýetiren zyýany kän, ejem maşgalany dargatdy, ähli kişini agzala etdi, öýi ýykdy diýseň hem bolýar. Bolan zatlary edil içgin gürrüň beresim gelenok. Kakam näme eden hem bolsa, onçakly ýetiren zyýany ýok. Netijede Beýik Ýaradyjynyň aýdyşy ýaly, maşgalada hemişe we ähli halatlarda erkek baştutan, ters halatynda maşgala dargaýar. Geň-taňsy wakalar